# Ýyllar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýyllar ÝYLLAR

…Gitjek bolup durka Köne ýylymyz,
Gürrüñ etsek diñe oñatlyk hakda.
Ugradýan ýylymyz gynanyp gitmez,
Razy bolar-da ýaşar ol ýatda.

Geljek bolup durka Täze ýylymyz,
Gürrüñ etsek diñe oñatlyk hakda.
Täze ýylmyz gelendigne ökünmez,
Ol öz doganyndan bolar has ökde?!

…Gapymyzdan gülüp gelen ýyldanam
Her gün hoş habary sowgat alalyñ!
Beýtmek üçin bitirmeli bir şerti: –
Oñatlygmyzdan hem oñat bolalyñ!

Oñatlyk diýen zat nämedir eýsem?!
Ol – äpet daragtdyr, pudaklary kän.
Üstünde oturyp şol pudaklaryñ?
Elde saklamaly baýdaklary kän:

Oñatlygyñ baş pudagy – DOSTLUKDYR!
Dostluk hakda geldim şeýle pikire:
Toý etsem – toýumy dostlarym tutsun,
Ýogalsam – dostlarym tabşyrsyn Ýere.

Oñatlygyñ bir çybygy – SÖÝGÜDIR!
Köpeldigisaýy söýgiñ güllerem. –
Bezäp-bezäp biz ýyllary ugratsak,
Bizi bezemäge geler ýyllaram.

Oñatlygyñ bir şahasy – ZÄHMETDIR!
Şol şahadan kök urandyr bossanym.
Süýji zähmet goý ýadatsa ýadatsyn.

Süýji zähmet – myrat edýär islänim!

Söýgi bolup, Zähmet bolup, Dost bolup,
Dulumyza geçsin, Täze ýylymyz!
…Ýyllar adamlary arassa saklar,
Ezizläp saklasak Täze ýyly biz?!

Gurbanýaz DAŞGYNOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 01.01.1987 ý. Goşgular